# «Gar ýagar»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
"Gar ýagar" «GAR ÝAGAR»

Howa maglumaty «Gar ýagar» diýýär.
Gar ýagjagyn habar berýär öňünden.
Emma ol habary eşden ynsanlañ,
Neneñ duýgulary dörär göwnünde?!
Belki ilkinji gar ýatladar yşgy,
Belki-de şahyra ýazdyrar goşgy,
Ol kimleriň armanlarny gorjalar,
Kimler bolsa ökünerler içinden,
Kimleriň hem ýañaklary şorjarar…

Hawa, gar ýagjakmyş, ol ýagjak garlar,
Kän ýürekleñ duşmagyna bahana.
(Gyşda-da söýmeklik, duşmaklyk mümkin,
Garaşmak gerek däl hökman bahara)

Myş-myş-a ynanyp garaşýan gara,
Emma duşmaklyk däl, daşlaşmak üçin.
Biziñ ikimizi duşuran gyşda,
Sen bilen ömürlik hoşlaşmak üçin.

Ýüregimem seni unutmak islap,
«Unut, ykbal ondan ar alar» diýýär.
Garaş, seni unutmagma az galdy,
Howa maglumaty «gar ýagar» diýýär.

Aýsapar EMELOWA. Goşgular